AIDS merkezde (ähli  welaýatlarda, Aşgabat ş.) anonim maslahaty alyp bolar we mugt barlagdan geçip bilersiňiz. Salgylary we telefonlary:

**Aşgabat ş.**
Çoganly ýaşaýyş toplumy, 2255 (O. Annaýew)
**23 91 12**

**Abadan ş.**
Ýeňiş köç., 10
**5 52 01**

**Mary ş.**
Atamyrat Nyýazow şaýoly, 40
**4 23 31**

**Türkmenabat ş.**
Gurbansoltan eje köç., 46
**3 63 29**

**Balkanabat ş.**
133-nji kwartal, 41
**6 03 73**

**Türkmenbaşy ş.**
Aşgabat köç., 20
**7 60 03**

**Daşoguz ş.**
Garaşsyzlygyň 10 ýyllygy köç., 3
**5 47 21**

Beýik Britaniýanyň Türkmenistandaky Ilçihanasy

# AIW/AIDS barada hökmany nämeleri bilmeli



AIW meselesi bu gün her bir adama, şol sanda saňa hem degişlidir. Bu keseliň wirusy adamlary sosial ýagdaýy, ýaşaýyş durmuşy we endikleri boýunça saýlamaýar hem-de islendik adamyň bedenine düşüp biler.

**AIDS (Adamyň Immunodefisit Sindromy)** — adamyň bedeniniň immunoýetmezçiliginiň wirusy (AIW) tarapyndan dörän infeksiýanyň iň soňky tapgyrydyr. AIW adamyň gorag (immun) ulgamyny (sistemasyny) gowşadýar we ol pnewmoniýa, diareýa, täze dörän çişlere, düwnüge we beýleki infeksion kesellere garşy göreşmäge ukypsyz bolýar.

AIW ýokuşan adam daşyndan sagdyn görnüp biler, ýöne ol bu döwürde başga sagat birine kesel ýokuşdyryp biler.



## AIW ÝOKUŞÝAR:

1. **Gan üsti bilen:** saglygy goraýyş edarasynda ýokuşan gan guýlanda, hapa gurallar we sanjym iňňeleri ulanylanda, kosmetiki we dellekhana salonlarynda umumy ulanylýan päkilere, iňňelere, pyçaklara, gaýçylara we beýleki serişdelere keselliniň gany degen halatynda. AIW (AIDS) bilen kesellemek ähmitimallygy sanjym üsti bilen neşe serişdelerini ulanýanlarda ýokarlanýar.
2. **Goralmadyk, ýagny prezerwatiw ulanylmadyk jynsy gatnaşyklaryň üsti bilen.** Prezerwatiwleriň ulanylmagy kesellemek ähtimallygyny görnetin azaldýar.
3. **Göwrelilik we dogum döwründe, göwüs arkaly iýmitlendirmek** (emdirmek) döwründe kesellän enelerden çagalara geçip bilýär.

## AIW durmuş şertleri bilen geçmeýär!

- Umumy hajathanalardan, suwa düşülýän otaglardan, gap-gaçlardan, ýatylýan düşeklerden peýdalanylanda;
- Howuzda, islendik suw howdanynda ýüzülende; hammama, sauna barlanda;
- Jemgyýetçilik ulagynda bile gidilende, gürrüňçilikde, elleşip salamlaşmakda, öpüşmekde, üsgürmekde, asgyrmakda;
- Mör-möjekler dişlände;
- Arassaçylyk kadalary berjaý etmek bilen, AIDS kesellä ideg edilýärka.

***AIW/ AIDS bilen näsaglan adamlar jemgyýetiň agzalary bolup durýarlar hem-de olara beýleki adamlar bilen deň garamalydyr.***